# Germaniýanyň täze sferasy

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Germaniýanyň täze sferasy GERMANIÝANYŇ TÄZE SFERASY




Aralarda sekiz ýaşlyja gyzymy ýyllyk barlagdan geçirmek üçin diş lukmanyna görkezmäge äkitdim.
Zamanabap diş bejeriş merkezi. Resepsiýadaky zenan serb, şepagat uýasy rumyniýaly, diş lukmany bolup işleýän zenanam marokkoly. Ýüz tutup baran biz ataly-gyzyň asly-da Orta Aziýaly türkmen.
Germaniýanyň iň esasy şäherlerinden biri bolan Mýunheniň merkezindäki döwrebap diş bejeriş merkezinde otyrys, emma gözüňe ýeke nemes ilenok, niräňe seetseň, gelmişekler "basyp alypdyr" diýen ýaly.




*«XXI asyr nemesleri» atly surat sergisinden*
Şeýle-de Germaniýada kese ýerden gelen – gelmişek (auslaender) sözi ýakymsyz, saýrylaşdyryjy many berýändigi üçin asly nemes dällere "migrant gelip çykyşly adamlar"(menschen mit migrationshintergrund) diýilýär.

Öýe gaýdyp barýarkak, münen metrobusymyzyň sürüjisi afrikaly garaýagyz ýigit. Öň hatarda oturan sarymeňiz ýolagçylaram rus dilinde gürleşip barýarlar.
Gysgaça aýdanda, Mýunhende arassa nemesi ýa-da bawariýalyny tapmak üçin mazaly aýlanmaly bolarsyňyz.



*«XXI asyr nemesleri» atly surat sergisinden*
Şeýle ýagdaýa Germaniýanyň islendik şäherinde gabat gelmek bolýar. Bireýýämden bäri migrantlaryň ýurduna öwrülen Germaniýada daşary ýurtlular 27%-e ýetýär. Munuň özi 83 million ilaty bolan ýurduň köçeslerinde görýän her dört adamyňyzyň biriniň başga ýerden gelen göçegçidigini aňladýar.




*Nemes telewideniýesinde garaýagyz spiker*
Teleýaýlymlarda, döwlet edaralarynda, futbolda öňe saýlanýan asly türk adamlary görmäge gözümiz öwrenişipdi. Ýöne indi bu gezek gyýyk gözli, garaýagyz ýa-da asly hindistanly adamlar dürli ulgamlarda göze ilmäge başlady.
Meselem, Germaniýanyň “ZDF” döwlet telewideniýesiniň alypbaryjylaryndan biri – garaýagyz aýal. Gyýyk gözli aziýaly ýene bir aýal habarçy-da arada bir gezek suwara nemes dilinde

Germaniýanyň prezidentine sowallar ýagdyrýardy.
Germaniýa saglygy goraýyş we informatika ulgamlarynda, şol sanda beýleki ugurlarda hem işine ezber işgär ýetmezçiliginden kösenýär.
Nemes ykdysadyýetindäki ösüşe parallelleýin ýokary bilimli işgär boşlugy-da barha ulalýar.
Ýagdaýy görüp duran nemes hökümeti gyssagly ýagdaýda raýatlyk kanunyny üýtgetdi, goşa raýatlyga rugsat berdi we ýokary bilimli işgärleriň ýurda girişini aňsatlaşdyrmak üçin býurokratik päsgelçilikleri aradan aýyrdy.
ýagdaý şeýleligine dowam ediberse, öňümizdäki on ýylda Berlin, Mýunhen, Gamburg ýaly uly şäherlerde arap, ýa-da owgan munisipalitet başlyklaryny görüp bileris. Hatda, lap urup aýtsak, Angliýadaky ýagdaý Germaniýada-da gaýtalanyp biler. Asly türk ýa-da arap bolan biri premýer-ministr Şulsyň kürsüsine geçip biler.



*«XXI asyr nemesleri» atly surat sergisinden*
Ýakynda nemes tanyş-bilişlerim bilen otyrkam olardan şu ýagdaý hakda soradym:
– Gelmişekleriň barha artmagyndan, hemme ugurda ýokaryk dyrmaşmagyndan biynjalyk bolaňzokmy? – Soň has göni sowal bilen: – Günüň birinde Germaniýanyň eliňizden taýyp gitmeginden gorkaňzokmy? – diýibem soradym.
Stoluň başynda biri aýal, ikisi erkek bolup oturan üç nemes, juda geň zat soraýan ýaly ýüzüme seredişdiler we şeýle diýdiler:
– Ýok, nämüçin gorkalyň, gaýtam kese ýerlileriň arkasyndan ykdysadyýetimiz hasam gülläp öser we mundan ilkinji nobatda

boz nemesler peýda göreris. – Soňra olaryň biri gülüp: – Özüň gelmişek bolup, seň beýle soragy bermegiň gülkünç. Eger nemes bolan bolsaň-a, hökman AfD-niň agzasy bolardyň – diýýär. Gülüşdik.
Parlamentde topary bolan “Alternative für Deutschland” ýa-da gysgaça Afd – Germaniýanyň iň güýçli milletçi partiýasydyr. .
Gürrüň milletçilikden açylan wagty, Germaniýada kese ýerlileriň barha artmagyny we muňa milletçileriň nägileligini ýaňsylaýan dürli henekler aýdylýar. Bulardan biri şeýle:
Awtobus duralgasynda ulaga münen milletçi nemes «Auslaender raus!» (Gelmişekler düşüň!) diýip gygyrypdyr. Muny gygyrandan we sürüjiden başga her kim awtobusdan düşüpdir. Bir seredipdir welin, awtobusyň sürüjisi-de düşüpdir, sebäp olam gelmişek eken.
Täsin ýeri, Türkiýede adamlar göçegçileriň we gelmişekleriň artmagyndan nädereje biynjalyk bolýan bolsa, Germaniýada nemesler şolar ýaly arkaýyn.
Gaýtam tersine, eli hünärli kese ýerlileri ýurda çekmek üçin kanuny üýtgeşmeler girizilýär, hereket edip duran kanuny bökdençlikleri gowşadýar.



*«XXI asyr nemesleri» atly surat sergisinden*
Soňlugy bilen mundan kimiň zyýan çekjekdigi belli däl, ýöne häzirki ýagdaý biz gelmişekleriň peýdasyna. Biz bolsa, bize gujak açan, biziň bilen çöregini, demokratiýasyny we azatlyklaryny paýlaşan halkyň we döwletiň gülläp ösmegi üçin janymyz-tenimiz bilen zähmet çekýäris. Biziň taşlap gaýdan ýurdumyzyň we häzir ýaşap ýören ýurdumyzyň buýsanjy bolmakdan başga maksadymyz ýok.

Esedulla OGUZ,
Germaniýaly türkmen žurnalisti.

Sişenbe, 10.01.2023 ý. Publisistika